**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2022-nji ýylyň 26-njy dekabryndaky**
**№ 106 buýrugy bilen tassyklanyldy**

## № 10-howa ýol Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenhowaýollary» agentliginiň kärhanalarynyň işiniň esasy görkezijileri barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça

## G O L L A N M A

№10-howa ýol Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenhowaýollary» agentliginiň kärhanalarynyň işiniň esasy görkezijileri barada hasabat» (çärýeklik), döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny “Türkmenhowaýollary” agentliginiň kärhanalary we paýdarlar jemgyýetleri hem-de “Türkmenhowaýollary” agentligi düzýärler. Hasabat formanyň salgy böleginde görkezilen salgylara we bellenen möhletlerde tabşyrylýar.

### 1 BÖLÜM. ESASY GÖRKEZIJILERI

01-nji setirde Türkmenistanyň ulag we sanitar uçarlarynda we dikuçarlarynda içerki we halkara howa ýollary boýunça, şeýle hem howa ýollaryndan daşarky, ulanylýan nyrhlara garaşly bolmadyk uçuşlaryň ähli görnüşleri boýunça gatnadylan ýolagçylaryň sanynyň ählisi goşulýar.

02-nji setirde 01-nji setirden öz toplumynyň howa gämilerinde ýolagçylaryň gatnadylyşy barada maglumatlar getirilip görkezilýär.

1-nji sütünden 2-nji sütünde ýolagçylary halkara gatnawlarynda gatnatmaklygyň görkezijileri bölünip görkezilýär.

03-nji setirde ugradylan ýolagçylaryň möçberi, üstaşyry hem goşmak bilen görkezilýär.

04-nji setirde gelen ýolagçylaryň möçberi, üstaşyry hem goşmak bilen görkezilýär.

05-nji setirde döwletiň ulag awiasiýasynyň uçarlar we dikuçarlary bilen hasabat döwründe gatnadylan ýolagçylaryň sanynyň şu ýolagçylaryň gatnadylan uzaklygynyň jemi hökmünde hasaplanylan ulanylan ýolagçy dolanyşygy görkezilýär.

06-njy setirde ýurduň ulag awiasiýasynyň we ýörite ulanylýan awiasiýasynyň uçarlary we dikuçarlary bilen içerki we halkara howa ýollary boýunça, uçuşlaryň ähli görnüşlerinde ähli ýükleri, poçtany we tölegli goşlary öz içine alýan poçtalar, ýükler goşulýar.

07-nji setirde 06-nji setirden ýükleriň öz toplumynyň howa gämileri bilen daşalyşy barada maglumatlar getirilip görkezilýär. 2-nji sütünde 1-nji sütünden halkara howa gatnawlary boýunça ýük daşalyşy getirilip görkezilýär.

08-nji setirde ýurduň ulag awiasiýasynyň we ýörite ulanylýan awiasiýasynyň uçarlary we dikuçarlary bilen içerki we halkara howa ýollary boýunça, uçuşlaryň ähli görnüşlerinde ähli ugradylan ýükleri, poçtany we tölegli goşlary öz içine alýan poçtalar, ýükler goşulýar.

09-njy setirde ýurduň ulag awiasiýasynyň we ýörite ulanylýan awiasiýasynyň uçarlary we dikuçarlary bilen içerki we halkara howa ýollary boýunça, uçuşlaryň ähli görnüşlerinde ähli getirilen ýükleri, poçtany we tölegli goşlary öz içine alýan poçtalar, ýükler goşulýar.

10-njy setirde ýükleri, poçta ýüklerini nyrh aralygyna köpeltmek arkaly hasaplanylýan poçta-ýük dolanyşygy tapawutlandyrylýar. 2-nji sütünde 1-nji sütünden halkara howa ýollary boýunça ýolagçy poçta-ýük dolanyşygy tapawutlandyrylýar.

Ýolagçylaryň ýer üpjünçiliginiň koeffisiýenti (11 setir) uçaryň şu görnüşine ornaşdyrylan oturgyçlaryň sanyndan ugur almak bilen, hakyky ýolagçy dolanyşygyny ýolagçy dolanyşygynyň çägine bölmek arkaly kesgitenilýär.

Uçarlaryň ýük göterijiliginiň ulanylyşynyň koeffisiýenti (12 setir) hakyky tonna-kilometrleri kesgitlenen derejäniň tonna-kilometrlerine bölmek arkaly anyklanýar.

## 2 BÖLÜM. MALIÝE GÖRKEZIJILERI

01-nji setirde edilen işleriň ähli görnüşleri boýunça alnan girdejileriň hemmesi görkezilýär.

02-nji setirde ähli ulag hyzmatlaryndan alnan girdejiler görkezilýär.

Ýolagçylary gatnatmakdan alnan girdejä (03 setir) ýolagçynyň ilkibaşdaky ugran nokadyndan onuň barjak ýerine çenli (ýolagçynyň düşüp beýleki münjek ýerine çenli däl) satylan ýolagçy petekleriniň jemi gymmaty goşulýar. Sargyt edilen gatnawlar bilen ýolagçy gatnatmakdan alnan girdeji hem şuňa goşulýar.

04-nji setirde ýük daşamak boýunça ulag kärhanalarynyň girdejileri görkezilýär.

Işleriň başga görnüşlerinden alnan girdejilere (05 setir) täjirçilik hyzmatlaryndan, uçarlaryň uçuşyny üpjün etmekden, uçarlara aeronawigasion hyzmatlaryny ýerine ýetirmekden alnan girdejiler (06 setir) goşulýar.

07-nji setirde işleriň gaýry görnüşlerinden girdejiler görkezilýär.

08-nji setirde ähli ulag işlerinden alnan ABŞ-nyň dollarynda walýuta girdejileri görkezilýär.

09-njy setirde ýolagçy gatnatmakdan, 10-njy setirde ýük daşamakdan alnan girdejileri ABŞ-nyň dollarynda görkezilýär.

11-nji setirde çykdajylar, 12-nji setirde ýolagçy gatnatmakdan, 13-nji setirlerde ýük daşamak üçin edilen çykdajylar bölünip görkezilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**